«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ägirt uly serişdelere we ykdysady kuwwata eýe bolan Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan innowasion ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýar. Ýurdumyzda öndebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylyp, sanly hyzmatlaryň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz ähli pudaklary sanlylaşdyrmagy milli ykdysadyýetimiziň ulgamlaýyn meselelerini çözmegiň möhüm ugry hökmünde kesgitledi.

Ähli ulgamlaryň sanly tehnologiýalara daýanmaklygy oňyn täsirler bilen birlikde maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, kiber hüjümlerden goranmak meselelerini hem orta goýýar.

Kiber howpsuzlyk – kompýuterleri, serwerleri, ykjam enjamlary, elektron ulgamlary, torlary we maglumatlary zyýanly hüjümlerden goramak üçin usullaryň we amallaryň ýygyndysydyr.

- Maglumatlaryň bitewiligi;
- Maglumatlaryň gizlinligi;
- Maglumatlaryň el ýeterliligi.

Kiber howpsuzlygyň ýüze çykýan ýerleri: Sanly gurluşlarda, Onlaýn hereketlerde, Ulanyjylaryň psihiki ýagdaýyny goramakda.

Sanly gurluşlar üçin kiber hüjümleriň döremek görnüşleri: Wiruslar we gurluşy ýitirmek, ogurlatmak.

**Iň howply wiruslar**

**Maýnerler** – size degişli kriptowalýutalary alyp, başgalara ugradýarlar.

**Şifrleýjiler** – size degişli faýllary kodlaýalar we ony açmak üçin sizden töleg soraýarlar.

**Bank troýanlary** – size degişli bank kartlaryň berlenlerini, bank smslerini eýeleýärler we özüni bank işgärleri hökmünde alyp barýarlar.

**Gurluş ýitirlende ýa-da ogurlananda dörejek howplar**

SMS-leriň, sosial ulgamlardaky ýazyşmalaryň okalmagy, siziň adyňyzdan ýazyşylmagy;

Töleg, Çapar ýaly programmalaryň kömegi bilen bank kartlaryňyzyň boşadylmagy;

Suratlaryňyzyň, wideolaryňyzyň paýlaşylmagy;

Все права защищены

**Sanly gurluşy nähili goramaly?**

Brauzerlerde reklama edijileri bloklamaly;

Antiwirus programmalary ulanmaly;

Parollar, pinkodlar ulanmaly;

**Onlaýn işlemekde döreýän howplar**

Resmi däl saýtlaryň hüjümi;

Sosial ulgamlardaky galp ulanyjylaryň hüjümi;

Galp ulanyjy ady bilen gelen elektron hatlaryň zyýany;

**Kiber hüjümlerden nädip goramaly?**

Programma üpjünçiligiňizi we operasiýa ulgamyňyzy täzeläň. Täze programma üpjünçiligi bilen iň soňky howpsuzlyk düzedişlerini alarsyňyz.

Wirusa garşy programma üpjünçiligini ulanyň. Kaspersky Total Security ýaly howpsuzlyk çözgütleri howplary ýüze çykarmaga we ýok etmäge kömek edip biler. Iň ýokary howpsuzlyk üçin programma üpjünçiligiňizi yzygiderli täzeläň.

Güýçli parollary ulanyň. Saýlamak ýa-da çaklamak aňsat bolan kombinasiýalary ulanmaň.

Näbelli iberijilerden e-poçta goşundylaryny açmaň – zyýanly programma üpjünçiligi ýokaşyp biler.

Näbelli iberijilerden ýa-da näbelli web sahypalaryndan poçta bilen alnan baglanyşyklary yzarlamaň – bu zyýanly programma üpjünçiliginiň ýaýramagynyň adaty usullaryndan biridir.

“Man-in-Middle” hüjümlerine sezewar bolýan goragsyz jemgyýetçilik Wi-Fi torlaryndan gaça duruň.

Ynha, kiberhowpsuzlyk we onuň düzgünleri, görnüşleri bilen bagly bilmeli başlangyç düşünjelerimiz şulardan ybarat. Bu maglumatlary bilmek häzirki we geljekki mugallymlar üçin örän möhümdir. Çünki agzalýan meseleler ýaş nesliň sagdyn ruhda kemala gelmegini gazanmakda göniden göni täsir edýär.

Все права защищены

**Ýazgül BAÝEKOWA**
**Lebap welaýatynyň**
**Türkmenabat şäheriniň**
**maglumat tehnologiýalary,**
**programmirlemek we kiberhowpsuzlyk ugruna**
**ýöriteleşdirilen 32-nji orta**
**mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены